# Gutlaglar

Category: Goşgular,Gutlaglar,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Gutlaglar GUTLAGLAR




GUTLAG
Yzlap gezme, öz ýoluňy saklagyn,
Bagtyň özi sen tarapa ýöresin.
Ýyllar ýüze ýygyrdyny salmasyn,
Gasyn diňe goý, gülküden döresin.

Ömre–many, kalba ýalkym çaýylsyn,
Uzak ýaşa wagt goşulsyn wagtyňa.
Bir dilegim bu durmuşda aman bol,
Ýüzüň gülsün goý, maşgalaň bagtyna.

BAGT TOÝA

Bu gün biz söýginiň janly şaýady,
Telwas urýan gül yşgynda bilbiliň.
Ýüzügiň gaşy deý bagtyň köşgüne,

Bezeg berýän ýaşlarmyzy bir görüñ.

Gorañ bir-biregi söýüñ mähirläp,
Yşgyñyz dilde däl, ýürekde bolsun.
Göwün ýykmañ, ediñ mydam ýagşylyk,
Sizden soñkulara ýagşy at galsyn.

Goşa garrañ, rysgal bolsun ýaryñyz,
Depäñizden şatlyk sil bolup geçsin.
Irden işe gidip gije gelende,
Goç-goç ogularñyz işigñiz açsyn.

Ahmet ARAZOW Goşgular